# Türkmenistan we Özbegistan gümrük hyzmatdaşlygyny ara alyp maslahatlaşdylar

Türkmenistanyň we Özbegistanyň gümrük gulluklarynyň wekilleri onlaýn duşuşyk geçirip, bilim tehnologiýalary we okuw usullary, özara hünär kämilleşdiriş kurslaryny guramak meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Bu barada “Türkmenistan: Altyn asyr” habar gullugy habar berdi.

Duşuşyga gatnaşyjylar özara hünär kämilleşdiriş kurslaryny guramak, harytlary düşündiriş we kodlaşdyrmagyň utgaşdyrylan ulgamyny ulanmak boýunça Özbegistanyň tejribesini öwrenmek mümkinçiligini ara alyp maslahatlaşdylar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň işgärleri üçin seminar guramak başlangyjy ara alnyp maslahatlaşyldy.

Duşuşygyň netijesinde taraplar 2025-nji ýyl üçin çäreleriň meýilnamasyny işläp düzmek we onlaýn seminarlar üçin ýyllyk meýilnamany düzmek barada ylalaşdylar. Gepleşikler iki ýurduň degişli düzümleriniň arasyndaky özara düşünişmek baradaky memorandumyň çäklerinde geçirildi.

Все права защищены

save pdf date >>> 02.01.2025